THE ASHGABAT TIMES

Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty 2024-2025-nji okuw ýyly üçin bakalawr maksatnamasy boýunça taýýarlygyň aşakdaky ugurlaryna talyplyga kabul edýär

**I. Bakalawr maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (taýýarlygyň ugurlary: **pedagogika bilimi (iňlis dili); pedagogika bilimi (nemes we iňlis dilleri); pedagogika bilimi (fransuz we iňlis dilleri); pedagogika bilimi (rus dili we edebiýaty).**

**II. Bakalawr maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (taýýarlygyň ugurlary: **pedagogika bilimi (iňlis dili); pedagogika bilimi (nemes we iňlis dilleri); pedagogika bilimi (fransuz we iňlis dilleri); pedagogika bilimi (rus dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (ispan we iňlis dilleri); pedagogika bilimi (italýan we iňlis dilleri); pedagogika bilimi (arap dili, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (pars dili, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (türk dili, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (hytaý dili, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (ýapon dili, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (koreý dili, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (hindi dili, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (türkmen dili we edebiýaty).**

2. Dil bilimi we edebiýaty öwreniş (taýýarlygyň ugurlary: **terjime we terjimeçilik işi (iňlis dili); terjime we terjimeçilik işi (rus dili).**

Instituta umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy  35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2024-nji ýylyň 15 — 28-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

Все права защищены

save pdf date >>> 14.12.2025

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3×4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Balkan welaýaty — iýul aýynyň 31-i, awgust aýynyň 1-i we 2-si günleri;

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 3-4-i, 5-i we 6-sy günleri;

Aşgabat we Arkadag şäherleri — awgust aýynyň 7-8-i, 9-y we 10-y günleri;

Ahal welaýaty — awgust aýynyň 11-12-si, 13-i we 14-i günleri;

Mary welaýaty — awgust aýynyň 15-16-sy, 17-si we 18-i günleri;

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 19-y, 20-si we 21-i günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

Все права защищены

save pdf date >>> 14.12.2025

taýýarlygyň ugurlary: pedagogika bilimi (**nemes we iňlis dilleri; fransuz we iňlis dilleri; arap dili, türkmen dili we edebiýaty; pars dili, türkmen dili we edebiýaty; hytaý dili, türkmen dili we edebiýaty**) — saýlap alan ugrunyň dili ýa-da iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

taýýarlygyň ugurlary: pedagogika bilimi (**iňlis dili; ispan we iňlis dilleri; italýan we iňlis dilleri; ýapon dili, türkmen dili we edebiýaty; koreý dili, türkmen dili we edebiýaty; türk dili, türkmen dili we edebiýaty; hindi dili, türkmen dili we edebiýaty**); terjime we terjimeçilik işi (**iňlis dili**) — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

taýýarlygyň ugry: pedagogika bilimi (**türkmen dili we edebiýaty**) — türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

taýýarlygyň ugurlary: pedagogika bilimi (**rus dili we edebiýaty);** terjime we terjimeçilik işi (**rus dili**) – rus dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil boýunça geçirilýän derslerden başga ähli okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synaglardan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň salgysy: Aşgabat ş., Aba Annaýew köçesi, 47.**
**tel.: 34-67-17.**

Şeýle hem şu salgylardan hem okap bilersiňiz:
https://datmddi.edu.tm/?/HABARLAR/&page=habar&habar=221
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi web saýty (datmddi.edu.tm)

https://www.education.gov.tm/education-details/39

Все права защищены

save pdf date >>> 14.12.2025

Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty
2024-2025-nji okuw ýyly üçin bakalawr maksatnamasy boýunça
taýýarlygyň aşakdaky ugurlaryna talyplyga kabul edýär

Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň resmi web saýty (education.gov.tm)

Все права защищены